# Janym Nohur daglary

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Janym Nohur daglary JANYM NOHUR DAGLARY




Beýik gördüm bir-birinden,
Janym Nohur daglary.
Herhal geçersiň serden,
Barsaň bahar şaglary.
Misli ataň–sorar halyň,
Şonda aram tapar janyň.
Derýa–deňizlerde salym,
Salym Nohur daglary.

Sergin şemal eşrepidir,
Adam ata eşretidir.
Jümle-jahan keşdesidir,
Keşde Nohur daglary.

Söýdüm çarwa illerini,
Sökdüm niçe ýollaryny.
Gördüm akan sillerini,
“Aperin!” Nohur daglary.

09.11.2010ý.

▶ GÜLBAHAR

Gözleriňde keşbiň, dilimde adyň,

Gözelleriň gözeli sen, Gülbahar.
Dag şemaly deýiň säherler badyň,
Şahyrlaryň gazaly sen, Gülbahar.

Jemlenipdir bar gözellik göziňde’
Yşk ataşy ýanýar ýakan közüňde,
Dirilik bar “Söýýan!”diýen sözüňde,
Yşkyňda diwana-däli, Gülbahar.

Wepadar gyzy sen hudaý ýalkanyň,
Pisse dodak–tükeniksiz bal käniň.
Käte ýada salýaň Jeýhun tolkunyn,
Sözüm çyn ýürekden peri, Gülbahar.

Gezsem bu dünýäde tapylmaz taýyň,
Çykanda seýrana bölegi Aýyň.
Sen, gülüm, durmuşda ykbalda paýym,
Bagtyýar ýigidiň ýary, Gülbahar.

Özgäni däl, seni söýer ýüregim,
Bir pursat görmesem–köýer ýüregim.
Ynjasaň, ezizim, duýar ýüregim,
Ynjytman, ynjytsam–zarym, Gülbahar.

21.11.2010ý.

▶ “SENDEN GÖZÜM AÝRYLMASYN”

Aýrylyga dözebilmen,
Senden gözüm aýrylmasyn.
Bu jahanda gezebilmen,
Senden gözüm aýrylmasyn.

Yşk ataşy-közi melhem,
Şirin-şeker sözüň melhem.
Mähir doly gözüň melhem,
Senden gözüm aýrylmasyn.

Dag maraly–dagly gözel,
Saňa ömrüm bagly gözel.

Yssy mähir–çogly gözel,
Senden gözüm aýrylmasyn.

Adam atadan yşkymyz,
Synmasyn söýgi köşgümiz.
Sen hakda ýazan goşgymyz–
“Senden gözüm aýrylmasyn!..”

21.11.2010ý.

▶ “KÖMÜR NEÇÜN GÖK DÄL…”

Kömür neçün gök däl, gara,
Ýapraklar gara däl, ýaşyl.
Neçün gyzyl duman gaplaň alanok
Daglaryň başyn.

Balygyň ne şahy ýok?
Eşegiňki ýaly möýün şohy ýok.
Ak deregiň miwesi ýok.
Öwüsmez ýel ýer astyndan.
Uçmaýar gökde balyklar,
Dil gulaksyz,
Gürlemeýär gulaklar.
Teşne çölden akmaz çeşme-bulaklar.
Syçan alyp bilmez möjek awuny,
Gördüňmi derekde bişen gawuny?!

Ýylan uçup bilmeýär,
Pyşdyl gaçyp bilmeýär…
Diýmäň bu sowala –telbäň sowaly,
Şeýle bolsa niçik bordy owaly?!

27.10.2010ý.

▶ “GOJA PROFESSOR OTYR ÝEKE ÖZI…”

Goja professor otyr ýeke özi,
Taryhyň gatyny açypdy niçe.
Jümmüşine aralaşyp taryhyň

Uklapdy ne gündiz, ne-de bir gije.

Taryha meňzeýär öň özi indi,
Otyr, gözün bir nokada dikipdir.
Gadymýetiň şatysyna döz gelen
Gadymýetiň çür başyna çykypdyr.

Geçmiş ýatyr onuň goja serinde,
Otyr professor bir gysym bolup.
Ötgen günler ýazylypdyr ýüzünde,
Dylkaw-dylkaw gasyn bolup.

Deň-duşlar gidipdir, dostlar gidipdir,
Indi weli iç dökere adam ýok.
Tukatlyk mukamy, sen niçik zabun?
Ýüreklere agram salyp ýadaňok.

Oýlandyryp gidip barýaň şahyry,
Gamgyn otyr çal saç dünýäň taryhy…

05.12.2010ý.

▶ ARZYLY JENAN

Sen niçik owadan, sen niçik akyl,
Sen maňa şeýle bir, şeýle bir ýakyn.
Sen bilen ömrüm uzalar,
Gara gyşym ýaz bolar.
Ojagymda elmydama köz bolar.
Saçagymda nazy-nygmat, duz bolar.
Gam-gussam az bolar,
Hanym.
Sen şam-u–säher hyýalym.

Ýöne weli bir zat–haýyşym senden:
Akyl-huşy göçen-diýip,
Göznüň nury öçen–diýip,
Dyzynyň ysgyny gaçan-diýip,
Gar büräpdir saçyn-diýip,

Gülme üstümden,
Arzyly jenan!

Sen ýylgyryp baksaň,
Nurlanar öýüm.
Dikeler boýum.
Röwşen bolar gözlerim.
Süýjär sözlerim.
Sen şasy gelin-gyzlaryň!

Niçe ýyllap yzlap, tapanym sen,
Ykbalymy ykbalyňa çatanym sen,
Bilseň, goşa gumry biz,
Goşa bolsun ömrümiz!
Kalbymyň töründen ýer alan zenan,
Bol maňa ömürlik arzyly jenan!..

07-11.12.2010ý. Goşgular